# Segsen alty ýyl öňki Aýasofýa

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Segsen alty ýyl öňki Aýasofýa SEGSEN ALTY ÝYL ÖŇKI AÝASOFÝA

Başkent uniwersitetiniň aýda bir gezek çykýan "Bütün Dünya" edebi žurnalynyň her sanynda täsin wakalar taryhy faktlary bilen bile orta atylýar. Professor Mehmet Haberalyň hojaýynlyk edýän žurnalynyň häzirki baş redaktory žurnalist agabeýimiz Mete Akýolyň aradan çykany bäri onuň ogly Ufuk Akýoldyr.
Aýasofýanyň bir korpusy 1991-nji ýyldan bäri metjit hökmünde ulanylyp gelinýär, bäş wagtyna azana gygyrylýar. Suduň kararynyň herekete girmeli möhletine-de garaşman, Aýasofýanyň muzeý bölegi-de aýryldy we tutuşlaýyn metjide öwrüldi. Suduň näme karar çykarjagyny bilýän ýaly, haly buýurmasy alty aý öňünden berlipdir, Aýasofýa muzeýe öwrülenden soň tegelek on ýedi ýyl geçensoň, munuň ýalňyş karardygy barada ýazylypdyr.

## ■ SEGSEN GÜN ÖŇ

Jengiz Özakynjynyň nusgalyk ylmy-barlag işlerinden Aýasofýanyň nädip muzeýe öwrülişi baradaky bölekleri bilelikde okalyň:
«1453-nji ýylda Fatih Soltan Mämmet tarapyndan metjide öwrülen Aýasofýa sobory 1934-nji ýylyň 24-nji noýabrynda Atatürk tarapyndan gol çekilen Ministrler Kabinetiniň Kararnamasy esasynda muzeý öwrüldi.
Halk köpçüligi Aýasofýanyň "bir korpusyny" muzeý etjeklerini kararnamadan segsen gün öň «Zaman», «Vakit», «Cumhuriyet» gazetleriniň 1934-nji ýylyň 4-nji sentýabryndaky sanlaryndan öwrendi. «The Times» gazetiniň 5-nji sentýabryndaky sanynda-da bu habar çap edildi.
Stambul gazetleri Aýasofýa metjidiniň «diňe bir böleginiň» muzeý ediljekdigini ýazýan günlerinde Ankarada Atatürküň «Hakimiyeti Milliye» gazetiniň 1934-nji ýylyň 8-nji sentýabryndaky sanynda "Aýasofýa kamilen (tutuşlugyna) muzeýe öwrülýär" habaryny berýärdi.

Aýasofýanyň tutuşlygyna muzeýe öwrülmeginiň dillere düşen günlerinde uruş döwri ýatakhana-gyşla bolup hyzmat eden we ondan soň ep-esli wagtlap ýapyk duran «Soltan Ahmet» metjidiniň-de kitaphana ediljekdigi barada habarlar ýaýrady. Bilim ministri Abidin Özmen 1935-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda eden çykyşynda bular ýaly pikirleriniň ýokdugyny aýdyp, myş-myşlary ýalana çykardy.»

## ■ TÜRK SERDARLARY

Atatürküň «Hakimiyeti Milliye» gazetiniň 1934-nji ýylyň 9-njy sentýabryndaky sanynda Burhan Asaf şulary ýazýar:

“… Döwletimiziň golastyndaky ýerlerde adam elinden çykan eserleriň, sungat eserleriniň, taryhy eserleriň gadry bilindi, olary gözüniň göreji deýin gorady. Wengeriýanyň Peşt şäherinde osmanly hammamynyň gümmezinden başga zat galmady, muňa garamazdan Aýasofýa ýaly eserler bu gün häzirem dim-dik aýakda durlar. Aýasofýa hilalyň (ýarymaýyň) saýasynda we goragynda muzeýe öwrüldi.
Aýasofýa teokratiýa zamanynda türk halkynyň erkin eradasynyň islegi netijesinde 1453-nji ýylda metjide öwrüldi. Aýasofýa hut şol türk halkynyň erkin eradasynyň islegi bilen dünýewi respublikamyzyň nyşany hökmünde 1934-nji ýylda muzeý edildi. Bu iki taryhy senäniň gymmaty türk halky üçin biri-birinden uludyr.
Aýasofýany metjit eden türk serdary Fatih Soltan Mämmetdi. Ony muzeýe öwrenem başga bir türk serdary Gazy Mustapa Kemaldyr.
«Aýasofýa metjidi» haçly ýörişleriň öňüne böwet basan türk goşunlarynyň akymyň simwolydy. «Aýasofýa muzeýi» bolsa güzergähini wyždan dawalarynyň üstünde saýlap-seçen täze türk dawasynyň täze ylym akymyň siwmolyna öwrüler. Dünýewi Türkiýe nirä ýörejegini bilmän ugruny ýitiren jümle-jahana nusgalyk täze dünýewi forma bermek bilen özüne mahsus hereketlerden birini durmuşa geçirdi.”

## ■ ON ÝEDI ÝYLDAN SOŇ

Aýasofýa 1935-nji ýylyň 1-nji fewralynda muzeý hökmünde gapylaryny açdy. Atatürk 1935-nji ýylyň 7-nji ýanwarynda Aýasofýa gelip gördi.
Aýasofýanyň muzeý edilmegine garşy, megerem, ilkinji çykyş on ýedi ýyl geçensoň boldy. Said Nursynyň ýoldaşlaryndan Osman Ýüksel Serdengeçti 1947-nji ýylda çap etmäge başlan "Serdengeçti" žurnalynyň 1952-nji ýylyň awgust aýyndaky sanynda çykan «Aýasofýa» makalasynda Aýasofýany muzeýe öwrenleri gazaply tankytlady.
Käbir syýasy partiýalar, hususanam 1965-nji ýyldan başlap saýlawçy sanyny artdyrmak üçin Aýasofýany gaýtadan metjide öwürme propogandasyny ýöretmäge başladylar. Hatda Aýasofýany muzeý etmek baradaky kararnamanyň aşagyndaky Atatürküň golunyň galpdyny-da öňe sürdüler. Hamana Atatürküň Aýasofýanyň diňe bir korpusyny muzeý edip, galan bölegini metjit etmek isländigini aýtdylar. Munuň bilenem çäklenmediler, muzeý kararnamasynyň resmi gazetde çap edilmändigi, şonuň üçinem onuň kanuny güýjüniň ýokdugy baradaky ýalan gürrüňleri ýaýratdylar. Bu orta atylanlaryň düýbünden boş gürrüňlerdigini we ýalandygyny Youtube-däki «Taryhyň nämälim tarapy» ("Tarihin Bilinmeyen Yüzü") kanalynda doly püçege çykaryldy, emma şonda-da bularyň hor-hory ýatarly däl.
Suduň karary bilen segsen alty ýyldan soň muzeýiň galan bölegi-de metjide öwrüldi.
Atatürküň adyny milli baýramçylyk senelerimizde-de agzamajak bolup jan edýän Din işleri ministri eli gylyçly, hamala ýeňiş gazanan mysaly metjidi muzeýe öwrenleri «hyýanat etmekde» aýyplady. Elbetde, taryh bulary-da ýazjakdyr.

Saýgy ÖZTÜRK.

«SÖZCÜ» gazeti, 29.07.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Publisistika